# Maşgalamyz we ýatlamalar

Category: Degişmeler,Ertekiler,Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Powestler,Romanlar,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Maşgalamyz we ýatlamalar MAŞGALAMYZ WE ÝATLAMALAR



- **Biziň maşgalamyz**

Biz Gyzylarbat etrabynyň Çukur obasyndan. Kakam Allaberdi Orazsähet ogly gerkezleriň gulgotur tiresinden. Ejem tekeleriň mökrüp tiresinden. Maşgalamyzda 3 oglan, 4 gyz bar. Iň uly oglan doganym kakamyň birinji aýalyndan. Ikinji aýalyndan perzent ýok. Beýleki 6 çaganyň hemmesi üçünji aýalyndan. Iň

uly oglan doganym Ýolgeldi (Garaja kaka) (1938-2003) Allaberdi ogly Gyzylarbat etrabynyň Wagon abatlaýyş zawodynda işledi. Ondan kiçi aýal doganym Kümüş Allaberdi gyzy (1948 ý) Aşgabat şäherinde ýaşaýar. Ondan kiçi oglan doganym Nurberdi Allaberdi ogly (1950-2004) Gyzylarbat şäheriniň elektrosetinde dürli kärde işledi. Ondan kiçi aýal doganym Aksoltan Allaberdi gyzy (1953 ý) Gökdepe şäherinde ýaşaýar. Ondan kiçi aýal doganym Oguldursun (1955 ý) Aşgabat şäherinde ýaşaýar. Men maşgalamyzda altynjy adam Amanberdi Allaberdi ogly Gyzylarbat etrabynyň Çukur obasynda ýaşaýaryn. Obamyzdaky 4-nji orta mekdepde matematika, fizika, informatika derslerinden okadýaryn. Özümden kiçi körpe jigim Baýramtäç (1962 ý) Gyzylarbat etrabynyň Pürnüwar obasynda ýaşaýar. Ol Gyzylarbat etrabynyň 3-nji orta mekdebinde taryh dersinden okadýar.

- **Ejem we kakam barada**

Kakam Allaberdi Orazsähet ogly bütin ömrüne Çukur obasynda ekerançy bolup işledi. Ol sowatsyzdy. Emma ekerançylyk meýdanynda tekizleýiş işlerini geçirmegiň, käriz gazmak ýaly agyr işiň hem ussadydy. Şonuň üçin ony hormatly dynç alşa – pensiýa çykandan soň hem ekerançylyk meýdanynda tekizleýiş işlerini geçirmeli bolanda ýörite gelip ulagly äkidýänleri ýadymda.
Kakam Allaberdi Orazsähet oglunyň (1912-1977 ý, ýatan ýeri ýagty bolsun, jaýy jennet bolsun.) köp gaýtalan üç nesihaty:

*1. Muhammet ymmaty malsyz bolmasyn,*
*Malsyz bolsa, dogan-gardaş ýat bolar.*
*Gaçar agaň-iniň, bolmaz hatyraň,*
*Guwanar duşmanyň, dostuň mat bolar.*
***Magtymguly, “Ýat bolar” goşgusyndan**.*

2. Bedew jul içinde, göwher kül içinde. **(Türkmen nakyly)**.

3. Agaryp öňe-de düşme, garalyp soňa-da galma. (gowusy ortalykdyr) **(Türkmen nakyly)**.

Men durmuşda başardygymdan kakamyň köp gaýtalan şu üç

nesihatyndan ugur alyp ýaşadym. Ýöne doly başardym diýip öwnüb-ä biljek däl.
Ejem Annagözel Çary gyzy bütin ömrüne Çukur obasyndaky 4-nji orta mekdepde başlangyç synp we geografiýa mugallymy bolup işledi. Ejem Annagözel Çary gyzy (1924-2006) 82 ýaşap aradan çykdy. Ol meşhur keşdeçi, Magtymguly Pyragynyň keşbini ilkinji bolup türkmen halysynda dokan, 20-ä golaý kitabyň awtory, "Watana bolan söýgüsi üçin" medalynyň eýesi Ogulbaýram Kulyýewanyň süýtdeş dogany, özem öz wagtynda döredijilik bilen meşgullanan adam. Maňa häzirlikçe onuň üç sany goşgusyny şol döwrüň metbugat sahypalaryndan (1959-1962 ý) we okuw kitaplaryndan tapmak başartdy. Olar: "Pyragy" (1959 ý, №10, sah 5, "Sowet Türkmenistanynyň aýallary" žurnaly), "Ýüpek gurçugym" (1959 ý, №7, sah 11, "Sowet Türkmenistanynyň aýallary" žurnaly) we "Watanyň bilbili" ("Edebiýat we sungat" gazeti, 13.12.1960 ý., Türkmen dili okuw kitaby 94 sah. 1962 ý) atly goşgular. Uly sylag hökmünde "Hazynamyň" sandygyny ejemiň goşgulary bilen açmakçy.

- **Pyragy**

Halkyň ogly Pyragy,
Poeziýaň çyragy,
Gezdiň uçar guş bolup,
Gezdiň ýakyn yragy.

Gaýyk ýaly Ummana.
Girip ýüzdüň çar ýana,
Şahyrlara baş bolup,
Geldiň biziň zamana.

Halka berip ýüregiň,
Deň paýlaşdyň çöregiň,
Geçip gitdi düýş bolup
Seni harlan gara gün.

Ýowy ýeňe-ýeňe biz,
Ýetdik nurly daňa biz.

Şygyrlaňdan hoş bolup
Guwanýarys saňa biz.

- **Ýüpek gurçugym**

Oýanyp ýaz möwsümi
Atar maňa owsuny.
Tut ýapragyň gowsuny
Iýer ýüpek gurçugym.

Yssy bolsa halamaz,
Suw ber diýip nalamaz,
Seretmeseň sylamaz.
Duýar ýüpek gurçugym.

Düşegim tut-çöp bolsun,
Terje ýaprak köp bolsun,
Seredýäne nep bolsun,
Diýer ýüpek gurçugym

- **Watanyň bilbili**

Bag içiniň bilbili,
Öz halkynyň ýüregi,
Diňe geçen döwrüň däl,
Bar asyrlaň geregi.
Sensiň şahyr Pyragy,
Adyň äleme meşhur.
Ýazyp giden goşgulaň,
Şindem öwşün atyp dur.
Ol garaňky döwürde,
Iliňde bolduň çyra.
Zalymlara söz bilen,
Mydama saldyň ýara.

- **Ömür beýanym**

Men Amanberdi Allaberdiýew 1957-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Gyzylarbat etrabynyň Çukur obasynda eneden doglan. Gürrüň

berişlerine görä men doglan wagtym bir sebäp bilen kelläm çişip başlapdyr. Şonda enem Annadursun Sähetgeldi gyzy (1890-1972) tebiplikden başy çykansoňmy, bilmedim, ýa-da aljyrapdyrmy, garaz süýr depäme başam barmagy bilen basypdyr. Şondan bäri hem, şükür edýän, enemiň başam barmagynyň yzyny süýr depämde buýsanç bilen göterip ýörün. Men orta bilimi obamyzda ýerleşýän, gahryman Täçmämmet Nyýazmämmedowyň adyny göterýän 4-nji orta mekdebinde aldym. Mekdebi gutaran ýylym, 1974-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň matematika fakultetine okuwa girip, 1979-njy ýylda tamamladym we matematika mugallymy hünärine eýe boldum. Häzirki wagtda öz orta bilim alan mekdebimizde matematika, fizika, informatika derslerinden okadýaryn. Ýurdumyzda häzirki sanly ulgama geçilýän döwürde informatikadan gollanmalaryň zerurlugy üçin 2019-nji ýylyň aprel-awgust aýlarynda S.N.Lukiniň “Mekdep okuwçylary, talyplar we turbo Paskal 07-ni öwrenmäge başlanlar üçin öwrediji gollanma” (С.Н.Лукин. Турбо – Паскаль 7.0. Самоучитель для школьников, студентов и начинающих. 1999 г.) atly rus dilindäki kitabyň I bölümini türkmen diline terjime etdim. Şeýle hem “Informatikadan okuw kitaplarynda we käbir beýleki gollanmalarda hödürlenen programmalaşdyrmaga degişli ýumuşlaryň çözülişi” (VII-VIII synplar üçin) atly gollanma taýýarladym.
Döredijilik babatda ýeten sepgidim onçakly uly däl. Şu wagta çenli metbugatda jemi 47 sany çykyşym bolup, olardan 8-si «Zähmetkeşler sesi” gazetinde, 18-si “Balkan” gazetinde, 11-si “Mugallymlar gazetinde”, 6-sy “Nesil” gazetinde, 2-si “Edebiýat we sungat” gazetinde, 2-si “Garagum” žurnalynda çap edildi. Şol sanda çykyşlarymyň 6-sy goşgy žanryna, 5-si hekaýadyr rowaýatlara, 24-si degişmelere, 7-si usulyýete, 5-si bolsa Magtymguly Pyraga degişli maglumatlardyr.
2009-2014-nji ýyllarda Magtymguly baradaky rowaýatlary, Magtymguly barada ýazylan kitaplardaky maglumatlary, goşgulary bilen utgaşdyryp dessan ýalyrak bir iş taýýarladym. Ol 256 sahypadan we 20 şahadan ybarat. Okap gören şol ugurdan kämil käbir adamlar ony “Dessan dilinde ýazylan ylmy iş” diýip baha berdiler.

2014-nji ýylyň 14-16-njy maýynda paýtagtymyz Aşgabatda “Magtymguly Pyragy we umumyadamzat medeni gymmatlyklary” atly halkara ylmy maslahaty geçirildi. Maňa bu ylmy maslahata gatnaşmak bagty miýesser etdi. Şeýle hem “Magtymguly Pyragy we umumyadamzat medeni gymmatlyklary” atly kitabyň 241-nji sahypasynda “Magtymgulynyň döredijiligi we Gündogar rowaýatlary” atly makalamy çap etdiler. Makalamy bu kitapda rus we iňlis dillerinde hem çap etdiler.
2015-nji ýylda aprel aýynda Türkmenistan Medeniýet Ministrligi, Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşygynyň Milli merkezi “Degişmeler dünýäsi” atly döredijilik bäsleşigini geçirdi. Şonda men höweslendiriji baýraga mynasyp boldum.
2021-nji ýylyň sentýabrynda “Türkmenistanyň Garaşsyzlygyň 30 ýyllygyna” atly ýubileý medaly bilen sylaglandy.
Golaýda “Magtymguly Meňli ýara sataşyp…” atly şygyrly kyssanyň DWD disk ýazgysyny taýýarladym. Ol saglyk bolsa golaý wagtda halk köpçüligine gowşar diýip umyt edýärin.

- **Alma bagy**

Men 3-nji synpda okaýardym. Ejemiň okadýan başlangyç synpy 4-nji synpdy. Nämesindendigini bilemok, ejemiň okadýan 4-nji synpynyň okuwçylary meniň gözüme yssy görünýärdi. Göwnüme bolmasa olaram meni gowy görýän ýalydy. Başlangyç synp mugallymym Halym mugallym sapak wagtynda ene dilinden okuw kitabyndaky hekaýalary, ertekileri, goşgulary okap berenden soň, öýde olary höwes bilen okardym.
Bir gezek öýe uly agam Nurberdi Begler atly özünden bir ýaş uly dosty bilen geldi. Şonda kakam Nurberdi agamdan Göroglyny okap bermegi haýyş etdi. Agam “Göroglynyň” “Ar alyş” şahasyny okap berdi. Men hem ony bütin durkum bilen gulaga öwrülip diňledim. Elbetde özüňden uly ýa-da mugallym okap berensoň şeýle gyzykly bolýandyrda. Şondan soň Halym mugallymyň okap berýän ertekilerini öýde özbaşdak höwes bilen okaýşym ýaly, meniň Göroglynyň “Ar alyş” şahasynam özbaşdak okasym geldi. Onsoň Göroglynyň kitabyny alyp “Ar alyş” şahasyny bir gezek okap çykdym. Soň mekdebe äkidip alma bagynyň saýasynda

arakesmede okuwçylara şol şahadan parçalary okap berdim. Ol döwürde her arakesme 10 minut bolansoň, okuwçylara arakesmede hem gündelik metbugatdaky makalalary, hekaýalary, goşgulary okamagy, ýa-da biri labyzly okasa diňlemegi berk tabşyrardylar. Belki şonuň üçindir, bilmedim, okuwçylaryň daşyma egele bolup “Göroglyny” okaýşymy diňländikleri ýadymda.

- **Nädip ýazyjy, şahyr bolunýar?**

Megerem, 5 ýa-da 6-njy synp bolsam gerek. Şol döwrüň pionerleriniň höwes bilen okaýan “Mydam taýýar” gazetine çykýan goşgudyr, hekaýalary ürç edip okaýardym. Bir gezek gazetden hekaýadyr, goşgulary okap bolanymdan soň kelläme bir pikir geldi: ”Be, şunuň ýaly hekaýany, goşgulary ýazýanlaram şu görýän adamlarymyz ýalymyka? Ýa-da olar ýörite bir ýerde okadylýarmyka?” Bu sorag maňa ynjalyk bermedi. Onsoň ejemden soramagy makul bildim. Ejem maňa şeýle jogap beripdi:
– Ýazyjy, şahyr bolmak ukyby adama tebigy berilýär. Ol köplenç edebiýat dersini halaýan okuwçylarda bolup bilýär. Şeýle okuwçylar şol ugurdan okuwa girseler, olaryň içinden şeýle ukyby bolan talyplary Russiýanyň ýa-da beýleki doganlyk respublikalardaky ýokary okuw jaýlaryna ugradýarlar. Diňe bu hem ýeterlik däl. Onuň üçin nusgawy edebiýatyň görnükli wekilleri Magtymgulynyň, Keminäniň, Mätäjiniň we beýlekileriň şygyrlaryny, görnükli ýazyjylarymyzyň hekaýalaryny, powestlerini, romanlaryny yzygiderli okamaly, öwrenmeli. Halypa tutunmaly. Şeýle hem daşary ýurduň ýazyjylarynyň, şahyrlarynyň ýazanlaryny okamaly. Belki, şeýle adamdan şahyr, ýazyjy çykyp biler. Men ejemiň beren jogabyna onçakly düşünmesem-de makullaýjylyk bilen baş atypdym.
Ejemiň beren jogabynyň hakykatlygyna 15 ýyldan soň göz ýetirdim. 1979-njy ýylyň awgustynda Bäherden etrabynyň Arçman stansiýasynda matematika mugallymy bolup işe başladym. Şonda men şu wagtky belli ýazyjy, şahyrlaryň biri Mämmetgurban Mämmetgurbanowlaryň maşgalasy bilen goňşy ýaşadym. Mämmetgurban şol wagt 10-njy synpda okaýardy. Onuň eýýäm metbugat sahypalarynda ady çykyp başlapdy. Men onuň bilen edil

deň-duşum ýaly bolup döredijilik babatda pikir alyşýardym, bile küşt oýnardyk. Mämmetgurban ilki TDU-nyň türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girdi. Soňra Sankt-Peterburg döwlet uniwersitetiniň žurnalistika fakultetinde okuwyny dowam etdirip, ony üstünlikli tamamlady. Ol häzir ýurdumyzda tanalýan ýazyjy, şahyrlaryň biridir. Döredijilik ukyby, tebygy zehin dürli kärdäki adamlarda hem bolup bilýär. Hakykatdan-da Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow – diş lukmany, Çingiz Aýtmatow – mal lukmany, Atajan Annaberdiýew fizika, magtymgulyşynas Annadurdy molla şahyr bolsa matematika mugallymy. Olaryň eserlerini halk söýüp okaýar.

- **Halypamyň sözi**

Megerem, 2002-nji ýyl bolsa gerek. Men Gyzylarbat etrabynda belli şahyr Amangeldi Amanowyň ýanyna häli-şindi barýardym. Onuň bilen döredijilik babatda pikir alyşýardym. Ol meniň adymy adymyň yzyna “jan” sözüni goşman tutmazdy. Halypamyň metbugatda goşgulary ýygy-ýygydan çap edilýärdi. Onuň sözlerine Türkmenistanyň halk artisti Toýguly Jepbarow, bagşy Derýaguly Hanow köp aýdym döredipdiler. Ýeri gelende aýtsam men 2005-nji ýylda Gyzylarbat etrabynyň Ö.Kulyýew adyndaky 7-nji orta mekdebiniň okuwçylary bilen halypamyň döredijilik duşuşygyny geçiripdim. Şonda okuwçylaryň biri oňa “Siziň näçe goşgyňyz aýdym edilip aýdylýar?” diýip sorag beripdi. Şonda halypa oňa “Meniň 200-e golaý goşgym aýdym edilip aýdylýar” diýip jogap beripdi. Ýöne şeýle-de bolsa onuň goşgular ýygyndysy heniz aýratyn çap edilmändi. Men oňa aýdym edilip aýdylýan goşgularyny toplap çap etdirmegi maslahat berdim. Şonda ol heniz rubagylar toplumyny çap etdirip, meniň maslahatymy soňa goýjagyny aýdypdy. Gynansamam halypam Amangeldi Amanow aradan çykmanka rubagylar toplumynyň diňe birini – “Hoşaly meýdan” atly rubagylar toplumyny çap etdirip ýetişdi. Menem şol döwürde ýazanja zatlarymy toplap halypama okadypdym. Ol birnäçe düzedişler girizdi. Maslahatlar berdi. Şonda men çekinjeňlik bilen halypamdan “Bu toplanlarym halkyň ýüzüne tutarlyk barmyka?” diýip soradym. Şonda ol “Aý, bir

özboluşlyja zat-da” diýipdi. Halypamyň aýdan şol “özboluşlyja zadyny” özümçe taraşlap halka ýetirmegi makul bildim. Olaryň köpüsi metbugatda çap edilen zatlar. Şeýle hem hormatly halypamyň taraşlap beren zatlary. Olaryň içinde usulyýete degişli makalalar, goşgular, degişmeler, hekaýalar, uruş weteranlary barada söhbetler we Magtymguly Pyragy baradaky makalalar bar.

- **Metbugat çykyşlarymyň sanawy:**

1. Ýürek. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 23.07.1983 ý.)
2. Şemal. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 16.06.1984 ý.)
3. Pursat. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 1.05.1985 ý.)
4. Güýz ýapraklary. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 8.09.1990 ý.)
5. Geliň gülşeliň. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 2.09.1998 ý.)
6. Degişmeler. (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 27.01.1999 ý.)
7. Bir serhoşyň içdökmesi (“Zähmetkeşler sesi” gazeti, 10.02.1999 ý.)
8. Jykyr-jykyr sahypasy (“Balkan” gazeti, 18.05.2000 ý.)
9. Degişmeler. (“Balkan” gazeti, 10.06.2000 ý.)
10. Dürüşde. (“Balkan” gazeti, 23.09.2000 ý.)
11. Seretde otur. (“Balkan” gazeti, 25.08.2001 ý.)
12. Degişmeler. (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 23.07.2005 ý.)
13. Geliň gülşeliň. (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 9.08.2005 ý.)
14. Stereometrik toplumy taýýarlamagyň we ulanmagyň usullary. (Mugallymlar gazeti. 12.08.2005 ý)
15. Degişmeler. (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 27.08.2005 ý.)
16. Degişmeler (Mugallymlar gazeti. 19.09.2005 ý)
17. Şeýle-de bolar ahyry … (“Balkan” gazeti, 26.11.2005 ý.)
18. Degişmeler (“Balkan” gazeti, 3.12.2005 ý.)
19. Degişmeler (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 11.02.2006 ý.)
20. Degişmeler (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 26.08.2006 ý.)
21. Düýş ýorgudy (“Edebiýat we sungat” gazeti 1.09.2006 ý.)
22. Özüň adam bolmaly (“Balkan” gazeti 23.09.2006 ý.)
23. Aýra düşen ýollar (“Balkan” gazeti 4.11.2006 ý.)
24. Guýunçy (Mugallymlar gazeti. 13.11.2006 ý.)
25. Degişmeler (“Beýik Türkmenbaşy nesli” 18.11.2006 ý.)

26. Ýylgyryň (“Edebiýat we sungat” gazeti 16.02.2007 ý.)
27. Maslahat (Mugallymlar gazeti, 6.06.2007 ý.)
28. Telpege tüýkürden aýdym (“Balkan” gazeti, 17.11.2007 ý.)
29. Şol tanyş garamyk gözler… (“Balkan” gazeti, 31.10.2009 ý.)
30. Ykbal öwrümleri (“Balkan” gazeti, 22.01.2009 ý.)
31. Gözenek-tor örmegiň ýönekeý usuly (Mugallymlar gazeti, 4.12.2009 ý.)
32. Informatikada käbir amaly işleriň ýerine ýetirilişi. (Mugallymlar gazeti, 3.12.2010 ý.)
33. Ýalta (Mugallymlar gazeti, 16.03.2011 ý.)
34. Hyýalbent (“Balkan” gazeti, 13.08.2011 ý.)
35. Gülki dünýäniň bezegi (“Balkan” gazeti, 12.11.2011 ý.)
36. Magtymgyly hakynda rowaýatlar (“Balkan” gazeti, 17.05.2011 ý.)
37. Ukyp, höwes we terbiýe (“Balkan” gazeti, 9.02.2012 ý.)
38. Magtymgulydyr (“Balkan” gazeti, 22.08.2013 ý.)
39. Gözel gyzyň ykbaly (“Garagum” žurnaly, 2014-1.)
40. Informatikadan kämil okuw kitaplary (Mugallymlar gazeti, 6.08.2014 ý.)
41. Süleýman sen mura bir gulak goýgul (“Balkan” gazeti, 29.12.2015 ý.)
42. Magtymgulynyň döredijiligi matematika sapagynda. (Mugallymlar gazeti, 23.01.2015 ý.)
43. Hoşamaý söz daş ýarar (“Balkan” gazeti, 16.02.2016 ý.)
44. Formulalaryň tejribe üsti bilen subut edilişi (Mugallymlar gazeti 21.07.2017 ý)
45. Meşrep diwana (“Garagum” žurnaly, 2017-9.)
46. Pursat. Güýz ýapraklary. (“Balkan” gazeti, 8.05.2018 ý.)
47. Pähim damjalary. (Mugallymlar gazeti, 20.12.2019 ý)

- **Aýdym edilip aýdylan goşgularym**

Ýurdumyz garaşsyzlyk gazanandan soň milli däp dessurlarymyzy öwrenmäge, milli baýramçylyklarymyzy dabara bilen bellemäge giň ýol açyldy. Bu mümkinçiliklerden giňden peýdalanan Gyzylarbat etrap medeniýet öýünde işlän, merhum Baýramgeldi Gutlyýew (ýatan ýeri ýagty bolsun, jaýy jennet bolsun) meniň

“Gurban baýramyňyz mübärek bolsun” atly goşgymy aýdym edip aýdypdy. Şundan soň ep esli wagt geçdi. 2017-nji ýyldan başlap Aşgabat şäherinde ýaşaýan Sähra atly ýegenimiň gyzy, “Gulbaba” atly çagalar baýragynyň eýesi, Türkiýede (23.04.2019 ý) geçirilen 41-nji çagalar festiwalynyň diplomyna mynasyp bolan, 54-nji orta mekdebiň 7-nji “I” synpynyň we 2-nji aýdym-saz mekdebiniň okuwçysy Jeren Amanlyýewa birnäçe goşgymy aýdym edip aýtdy. Ine olaryň sanawy:

1. Gurban baýramyňyz mübärek bolsun
2. Gerçek türkmen ogly
3. Mähribanym ejem jan
4. Käbäm enem
5. Täze ýyl geldi
6. Türkmenistan
7. Küştdepdi gazallary
8. Bagtyýar çagalar

- **Ussatlaryň aýdanlaryndan ýadymda galanlary**

Amangeldi Amanow:

*“Rubagyda düwlen ýumruk ýaly dört setirde ähli aýtjagyňy aýtmaly bolýar.”*
*“Aýdyma niýetlenen goşgynyň her setiri çekimli harp bilen gutarsa has oňat bolýar. Köp bogunly şygyr düzülende öz pikiriňi has aýdyň we doly beýan edip bolýar.”*

Toýguly Jepbarow: (Türkmenistanyň halk artisti, aýdymçy)

*“Käbir goşgulardan aýdym döretmek üçin köp oturmaly bolýar. Goşgularyň käbirine aýdym döredip bolman taşlanýan wagty hem bolýar. Oňat goşgularyň sazy goşgy bilen sazlaşykly basym döreýär. Meniň döreden aýdymlarymdan merhum, Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti Durdymuhammet Ussaýewiň sözlerine döredilen “Ýar gelýär”, merhum hem meşhur şahyr Amangeldi Amanowyň sözlerine “O ýyllar” atly aýdymlar şeýle döräpdi.*

Pyhy Tagan:

*“Käbir esere owadan, özüne çekiji at goýulýar. Emma ýarysyny okamankaň wakanyň nähili gutarjagy mälim bolýar. Okap bolanyňdan soň, sen pikiriň dogrulygyna göz ýetirýärsiň. Şonda sen wagtyňy bihuda geçireniňe gynanýarsyň. Başarsaň eserde beýan edýän wakaň nähili gutarjagy mälim bolmasyn. Ol syr nowella pisint eseriň ahyrynda mälim bolup, “bäh” diýdirip bilseň, şol eser özüne çekiji, oňat eser boldugydyr”.*
*“Wagt, asyr diýilýän örän adyldyr. Ol naýbaşy çäji harpykdan basym saýlaýar.”*

Oraz Ýagmyr:

*Belli dessançy bagşy Gurt Ýakupdan “Saňa näme üçin at gazanan bagşy ýa-da halk bagşysy diýen ýaly at dakanoklar?” diýip sorapdyrlar. Ol “Maňa ene-atamyň dakan ady ýa-da halkyň dakan adyndan başga at derkar däl. Heý, ene-ataň, halkyň dakan adyndan ezizem bir at bolarmy?” diýip jogap beripdir.*
*Her bir islegiň şowuna bolýan wagty bolýar. Sabyr etmek gerek.*
*Bir adam: “Men Ezraýyldan gorkamok. Ol meniň janymy alyp bilmez. Meniň ýyndam atym bar, men ony görsem gaçyp giderin” diýip gürleýärmişin. Bir gezek ol adam köpçülikde şeýdip gürläp otyrka Ezraýyl gapydan giräýipdir. Ol adam Ezraýyly tanap atyny münüp gaçypdyr. Adamlar Ezraýyla: “Sen ony näme üçin sypdyrdyň? Ol “Meni Ezraýyl tutubam bilmez, öldürmezem. Men ondan ýyndam atymy münüp, gaçyp syparyn” diýip gürleýärdä” diýipdirler. Onda Ezraýyl:*
*– Adamlar, maňa berlen perman: men onuň çapyp barýan atyň üstünde janyny almaly- diýip jogap beripdir. Diýşi ýaly Ezraýyldan gaçyp barýan adam çapyp barýan atyň üstünde jan beripdir.*

Pökgi Meredow: (suratkeş)

*Geýinip çykypsyň sary sowsana,*
*Ýüzüň maňa tarap birje sowsana.*
*Eý Taňrym, mende bet gabanjaňlyk bar. –*
*Illeň gözün şol gözelden sowsana.*

• **Galamyň ujyndaky dünýä**

Döredijilik bilen meşgullanýan adama esasy tebigy zehin gerek. Zehin bolaýanda-da, 1 göterim zehine 99 göterim zähmet çekmeli. Nämäniň suratyny çekmelidigini bilmek üçin hem daşky gurşawa synçylyk gerek, duýgurlyk gerek. Ondan göwnejaý temany saýlap almagy başarmaly.
Döredijilikde esasy duýgy, pikir we maksat zerur. Şu üçüsi bar bolan wagtynda hökman taslama döräp başlar. Taslamany hökman halypa bilen maslahatlaşmaly. Halypasyz adam – gözi daňlyp ýola çykarylyp goýberilen adam ýalydyr. Ol nirä gitjegini bilmän aňalyp durandyr. Döredijilikde Watana söýgi, topragyňa guwanmak, şeýle hem geçmiş taryhymyzy öwrenmek hyjuwy duýulmaly. Il içindäki pähim-paýhasly gürrüňleri diňläp, ondaky däp-dessurlarymyzy inçeden yzarlap kämil derejede köpçülige hödürläp boljak işleri döretmeli. Esasan, ýaşaýan döwrüň syýasy-jemgyýetçilik, ýaşaýyş durmuş şertleri bilen ýaşamaly. Sebäbi sen ýaşaýan döwrüňi suratlandyrmaly. Geljekde seniň işleriňden ýaş nesil seniň ýaşan döwrüňi öwrenmeli.

• **Döredijilik babatda söhbetdeş bolan şahsyýetlerim:**

1. Amangeldi Amanow (1946-2007)
2. Pyhy Tagan (5.01.1920-25.03.2005)
3. Oraz Ýagmyr (15.08.1947 ý -1.01.2022 ý)
4. Osman Öde (1954-2014) (telefonda söhbetdeş bolupdym)
5. Atajan Tagan (1940 ý)
6. Amanmyrat Maýew ( 3.02.1942 ý)
7. Aşyrberdi Gurbanow (1978 ý)
8. Seýdaly Babaýew (1950-2019)
9. Hangylyç Tagangylyjow (15.01.1949 ý)
10. Atamyrat Şagulyýew (17.11.1962 ý)
11. Gunça Orazjanowa (14.03.1973 ý)
12. Ogulbaýram Kulyýewa (1938 ý) (daýzam, ejemiň aýal dogany)
13. Atda Gurbangeldi (1941-2016)
14. Annagurban Aşyrow (30.09.1949 ý)
15. Pökgi Meredow (9.05.1941 ý) (suratkeş)
16. Rahmanberdi Godarow (12.05.1967 ý)

17. Toýguly Jepbarow (1947 ý) (aýdymçy)
18. Aman Sary (1946 ý) (Magtymgulyşynas)
19. Ýusup Lallykow (27.01.1977ý) (Magtymgulyşynas)
20. Annamuhammet Allagulyýew (15.02.1957 ý)
21. Juma Ataýew (12.12.1958 ý)
22. Mämmetgurban Mämmetgurbanow
23. Akmyrat Täjimow (12.04.1969.) we ş.m. Ýatlamalar